- İş sözleşmesindeki şartları yerine getirmek,
- Çalışma düzenine uymak, eğitim verdiği sınıfta öğrencilerin disiplin kurallarına uymalarını ve sınıfın temiz tutulmasını sıkı bir şekilde kontrol etmek,
- Öğretmenlik mesleğine layık ve öğrencilere örnek olacak şekilde davranmak,
- Dış görünümünün estetik açıdan uygun olması için sorumlu davranmak,
- Her sene bir kez sağlık kontrolünden geçmek ile yükümlüdür.

4.4. Öğrenciler:
- Devlet eğitim programları çerçevesinde genel eğitimi alma,
- Şahsını, fiziki ve manevi küçümsemelerin tüm çeşitlerinden koruma,
- Kendi duygu ve düşüncelerini özgürce ifade edebilme,
- Eğitime yönelik okul kitapları ile araç-gereçlerden ücretsiz faydalanma,
- Eğitimini geliştirmek amacıyla öğretmen ve okul yönetimine başvurma,
- Okulda veya ulusal ve uluslararası çapta düzenlenen spor vb. faaliyetlere katılabilme hakkına sahiptir.

4.5. Öğrenciler:
- İşbu Yönetmelik hükümlerine ve okulun disiplin kurallarına uymak,
- Eğitimde çaba göstermek,
- Okul mülkiyeti ve cihazlarını muhafaza etmek,
- Öğrenciler için Okul tarafından kabul edilen okul kıyafetini giymek,
- Okulda eğitim görenlerin ve çalışanların onur ve prestijini korumak, onlara saygı göstermek, iyiliksever, sade, dürüst, nazik ve akil olmak,
- Okul derslerine tam katılmak, eğitim alma alışkanlığı ve sağlıklı düşünmeyi geliştirmek, düzenli olmak, büyüklere ve küçüklere saygı göstermek,
- Okul çalışanlarının yetki alanlarına giren talepleri yerine getirmek ile yükümlüdür.

4.6. Veliler (Vasileri):
- Çocuklarının eğitim programlarını öğrenmesi ve eğitim kalitesine ilişkin bilgi alma,
- Eğitim-öğretim konularına ilişkin tavsiye alma,
- Ortaya çıkan konularla ilgili okul müdürüne başvurma,
- Okul ve eğitimin organizasyonunu düzenleyen Yönetmelik ve diğer belgeleri inceleme hakkına sahiptir.

4.7. Veliler (Vasileri):
- Öğrencilerin terbiyesine, sağlığına ve eğitim görmesine özen göstermek,
- Okul ile aile arasındaki işbirliğini ve iletişimi sağlamak,
- Okulun sosyal faaliyetlerine etkin bir şekilde katılmak,
- Çocuğunun ruhsal ve fiziksel gelişimi için uygun şartları oluşturmak,
- Çocuğunun okul kıyafetini temin etmek ile yükümlüdür.

## 5. OKUL'UN YÖNETİMİ

5.1. Okul, tekli yönetim ilkesi ve Öğretmenler Kurulu kararları çerçevesinde yönetilir.

5.2. Okul tekli yönetim ilkesi çerçevesinde, Türkmenistan Eğitim Bakanlığı'nın mutabakatıyla, Türkiye Cumhuriyeti Millî Eğitim Bakanlığı tarafından atanan ve görevden alınan Müdür tarafından yönetilir.

Müdür;
- Okulun öğrenci işleri, her türlü eğitim ve öğretim, yönetim, personel, tahakkuk, taşınır mal, yazışma, eğitici ve sosyal etkinlikler, güvenlik, beslenme, bakım, koruma, temizlik düzen, halkla ilişkiler vb. görevler ile Türkiye Cumhuriyeti Milli Eğitim Bakanlığı tarafından verilen görevlerin yerine getirilmesini sağlar.
- Öğretmenlere, öğrencilere, velilere ve çevreye eğitim ve öğretimde liderlik yapar, verimliliğin artırılmasına, ekip ruhunun oluşturulmasına, okulun çevreyle bütünleşmesine ve kurum kültürünün geliştirilmesine yönelik çalışmalar yapar, okulu faaliyete hazır durumda bulundurur. Bilimsel ve teknolojik gelişmeler, verimlilik ve açıklık ilkeleri doğrultusunda okulu sürekli yeniler ve geliştirir, zamanı ve tüm imkânları okulun amaçlarını gerçekleştirmek için kullanır.
- Eğitim-Öğretimin düzenlenmesi, gidişatı ve sonuçlarının denetimi, okul faaliyetlerinin kalitesi ve verimliliğinden sorumludur.
- Okulu doğrudan yönetir ve mevzuat çerçevesinde çalışanları görevlendirir.
- Okulun çalışanlarının kıdemlerini belirler, haklarında kararlar alır, onlara gerekli talimatları verir.
- Sınıf ve okul dışı çalışmaların düzenlenmesi için gerekli imkânları sağlar.

5.3. Okula yeterli sayıda müdür yardımcısı görevlendirilir. Okulun Türkmen Müdür Yardımcısı, Türkmenistan Eğitim Bakanlığı; Türk Müdür Yardımcısı Türkiye Cumhuriyeti Aşkabat Büyükelçiliği Eğitim Müşavirliği tarafından göreve atanır ve görevden alınır. Müdür yardımcısı eğitim, öğretim ve yönetim işlerinin planlı, düzenli ve amacına uygun olarak yürütülmesinden müdüre karşı sorumludur. Müdürün olmadığı zamanlarda müdürün belirleyeceği bir müdür yardımcısı müdüre vekâlet eder.

5.4. Okulun yönetiminde Öğretmenler Kurulu kararları uygulanır. Öğretmenler Kurulu, okul müdürünün başkanlığında müdür yardımcıları ile öğretmenlerden oluşur. Müdürün bulunmadığı zamanlarda Öğretmenler Kuruluna eğitimden sorumlu müdür yardımcıları başkanlık eder.

5.5. Öğretmenler Kurulu, yılda 6 defa toplanır. Ayrıca Okul müdürünün gerekli gördüğü zamanlarda ve kurul üyelerinin salt çoğunluğunun yazılı isteği doğrultusunda da kurul toplantısı yapılır.

## 6. HUKUKİ TEMELİ VE FİNANSMAN

6.1. Okul, Türkmenistan Eğitim Bakanlığı ile Türkiye Cumhuriyeti Millî Eğitim Bakanlığı tarafından onaylanan işbu Yönetmelik ile faaliyet gösterir.

6.2. Okul, Türkmenistan ve Türkiye Cumhuriyeti Devlet bütçesi ve bütçe dışı kaynaklarla finanse edilir. Okulun muhasebesi, serbest bilançosu, bankalarda ödeme, döviz ve diğer hesapları bulunabilir.

6.3. Okulun faaliyetlerine ilişkin raporlar ve muhasebe işleri, belirlenen düzende gerçekleştirilir.

6.4. Türkmenistan ve Türkiye Cumhuriyeti Devlet bütçesi ile bütçe dışı kaynakların kullanılmasına ilişkin yıllık raporlar, Türkmenistan Eğitim Bakanlığı ve Türkiye Cumhuriyeti Milli Eğitim Bakanlığına sunulur.

6.5. Türkmen personel ile okul arasındaki ilişkiler, Türkmenistan Çalışma Mevzuatı uyarınca belirlenir. Öğretmenlerin ve diğer çalışanların ödemeleri, okutulan ders sayısına göre ve Taraflarca mevzuatları çerçevesinde yapılır. Okulda Türk tarafınca görevlendirilen öğretmenlerin ve diğer çalışanların maaşları, Türkiye Cumhuriyeti Millî Eğitim Bakanlığı tarafından, Türkmen personelin maaşları ise Türkmenistan Eğitim Bakanlığı tarafından ödenir.

6.6. Okuldaki öğrenci sayısına göre tasdik edilen kadro sayısınca; yardımcı, idari ve teknik personel (muhasebecilik, kasiyerlik, sekreterlik, kütüphanecilik, hemşirelik, teknisyenlik, güvenlik, bahçıvanlık, temizlik, vb. işleri yapmak üzere yeteri kadar personel) Türkmenistan Eğitim Bakanlığının mutabakatıyla işe alınır.

6.7. Okulun maddi altyapısı, okulun faaliyetleri için gerekli olan bina, tesis, cihaz, alet ve diğer varlıklardan oluşmaktadır. Okulun günlük masraflarının %50'si Türk tarafınca, % 50'si Türkmen tarafınca karşılanır. Türk tarafının yapacağı ödeme miktarı hesaplanırken, Türkmenistan eğitim kurumları için belirlenen fiyatlar esas alınır. Okul binası ile ilgili yapılacak onarım ve tadilat masrafları Türk tarafınca karşılanacaktır.

6.8. Okul kütüphanesi için eğitim programındaki derslere göre ders kitapları, bilimsel yayınlar, edebi eserler ve sözlükler Türkiye Cumhuriyeti Millî Eğitim Bakanlığı ile Türkmenistan Eğitim Bakanlığı tarafından sağlanır.

6.9. Okulun Türkmenistan mevzuatına uygun olarak kurumlara tescil ettirilmesi ve Türkmen makamları tarafından tanınması, Mutabakat Zaptı ve işbu Yönetmelik yürürlüğe girdikten sonra Okul tarafından gerçekleştirilir.

6.10. Okul tüzel kişiliği olan bir kurumdur. Okulun Türkiye devlet armalı, Türkçe ve Türkmence yazılmış mührü, kaşeleri ve antetli kağıdı vardır.

6.11. Kuruluş adı: Ortak Türkmen- Türk Okulu

**6.12.** Kuruluşun kısaltılmış adı: OTTO

**6.13.** Kuruluşun Hukuki Çeşidi: Ortak Kamu Kurumu

Yeri: Aşkabat şehri
Hukuki adresi: Aşkabat şehri Mahtumkulu Caddesi No:36

**Türkiye Cumhuriyeti Hükümeti**
**adına**

**Mahmut ÖZER**
**Milli Eğitim Bakanı**

**Türkmenistan Hükümeti**
**adına**

**Sapardurdu TOYLİYEV**
**Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň**
**Orunbasary**

**Bilelikdäki türkmen-türk umumybilim beryän orta mekdebiň Tertipnamasy**

## 1.Umumy düzgünler

1.1. Bilelikdäki türkmen-türk umumybilim beryän orta mekdep (mundan beýläk – "Mekdep") döwlet bilim edarasy bolup, 2014-nji ýylyň 15-nji awgustynda iki ýurduň Bilim ministrleri tarapyndan gol çekilen "Bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşygyň" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyuň 29-njy awgustyndaky 13821 belgili Kararynyň esasynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Aşgabat şäher häkiminiň 2014-nji ýylyň 29-njy awgustyndaky degişlilikde 226/1 we 94a belgili bilelikdäki buýrugy bilen döredildi.

1.2. Mekdep Türkiýe Respublikasynyň we Türkmenistanyň bilelikdäki umumybilim beryän edarasydyr.

1.3. Mekdebi esaslandyryjylar Türkiýe Respublikasynyň Milli Bilim ministrligi we Türkmenistanyň Bilim ministrligi (mundan beýläk - "Esaslandyryjylar") bolup durýar.

1.4. Mekdep öz işini Türkiýe Respublikasynyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda 2014-nji ýylyň 15-nji awgustynda gol çekilen Ylalaşyk, Türkiýe Respublikasynyň 1739 belgili "Milli bilim esasy kanuny", «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary, Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkiýe Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri, Türkiýe Respublikasynyň Milli Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň kadalaşdyryjy resminamalary hem şu Tertipnama esasynda amala aşyrýar.

1.5. Şu Tertipnama Mekdebiň esasy maksatlaryny, wezipelerini, okuw-terbiýeçilik işlerini dolandyryşyny, işiniň esasy ugurlaryny hem-de hukuk esaslaryny kesgitleýär.

1.6. Mekdepde okaýanlara lukmançylyk hyzmaty Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň talaplaryna laýyklykda mekdebe berkidilen saglyk öýi tarapyndan alnyp barylýar.

1.7. Mekdep çagalaryň we işgärleriň iýmitlenmegi üçin gerekli mümkinçilikleri we şertleri döredýär.

1.8. Mekdepde okuw işi Türkiýe Respublikasynda we Türkmenistanda döwlet bilim ulgamlarynyň dünýewi häsiýetliligi we onuň dini guramalardan aýrylygy ýörelgesine laýyklykda guralýar. Okuwçylary syýasy we dini birleşmelere, hereketlere we partiýalara girmäge mejbur etmäge, şeýle hem olary bu guramalaryň işine, wagyz etmek çärelerine hem-de syýasy hereketlere gatnaşmaga mejbur etmäge ýol berilmeýär.

1.9. Mekdepde okuwçylary diňe gündiz okatmak esasynda bilim we terbiýe berilýär.

1.10. Mekdebi tamamlan okuwçylara Anadoly Liseýiniň diplomy berilýär. Mekdebiň beren resminamalary (diplom, transkript we beýleki resminamalar) Türkiýe Respublikasynda we Türkmenistanda ykrar edilýär.

## 2. Mekdebiň esasy wezipeleri

2.1. Mekdep bilim we terbiýe bermekde öz işini dünýäniň häzirki zaman mugallymçylyk ylmynyň gazananlaryny ulanyp guraýar.

2.2. Mekdep öz işini okuwçylara döwrebap we netijeli bilim bermek, ýokary medeniýetlilik, ahlaklylyk, watansöýüjilik duýgylaryny terbiýelemek, şeýle-de terbiýeçilik işlerini türkmen we türk halklarynyň milli däpleri hem-de dünýä tejribesiniň öňdebaryjy iş usullary bilen utgaşdyrmak esasynda alyp barýar.

2.3. Mekdep okuwçylaryň özbaşdak döredijilik ukyplaryny we şahsy başarjaňlygyny ösdürmek üçin amatly şertleri döredýär.

2.4. Mekdep okuwçylarda zähmetsöýerlik, adamlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak we tebigata söýgi häsiýetlerini kämilleşdirýär.

2.5. Mekdep zehinli we ýokary derejede ukyply çagalary ýüze çykarmak maksady bilen okuwçylary döwlet we halkara bäsleşiklerine taýýarlaýar.

2.6. Mekdep okuwçylarda umumyadamzat gymmatlyklaryna laýyk gelýän raýatlyk aňyýetini we ahlaklylyk häsiýetlerini kemala getirýär.

## 3. Bilim we terbiýe bermek işini guramak we gözegçilik

3.1. Mekdep Türkmenistanda ýaşaýan Türkiýe Respublikasynyň raýatlarynyň, synplarda boş ýer bolan ýagdaýynda, beýleki daşary ýurt wekilhanalarynyň işgärleriniň hem-de işewür adamlarynyň mekdep ýaşyna ýeten çagalary üçin niýetlenendir. Mekdebiň kuwwatlylygynyň çäginde Türkmenistanyň raýaty bolan çagalaryň mekdebe kabul edilmek meselesi hem-de olaryň sany Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ylalaşygy bilen kesgitlener. Türkmenistanyň raýaty bolan çagalary mekdebe kabul etmek meselesi oňyn çözülen hem-de raýatlaryň ýüz tutmalarynyň sany köp bolan halatynda olary mekdebe kabul etmeklik söhbetdeşlik geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Söhbetdeşlik topary mekdebiň müdiriniň buýrugy bilen döredilýär. Bu toparyň düzümine mekdepde işleýän türk we türkmen tarapyndan bolan ýolbaşçylar we mugallymlar girizilýär.

3.2. Mekdepde synplaryň dolulygy Türkiýede we Türkmenistanda orta mekdepler üçin kesgitlenen möçbere laýyk bolmaly.

3.3. Mekdebiň bilim we terbiýe işleri, Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrliginiň durmuşa geçirýän okuw maksatnamalarynyň, bilim bermäge we dolandyrmaga degişli umumy kanunçylygyň, tertipnamalaryň we kadalaşdyryjy namalaryň Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylan we Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň Bilim işleri boýunça geňeşligi tarapyndan tassyklanan okuw meýilnamalarynyň esasynda ýola goýulýar.

3.4. Mekdepde synplaryň sanyny, synplaryň dolulygyny, hepdelik okuw sapaklarynyň tertibini (okuw meýilnamalaryny) we ony gerek bolan halatynda täzelemegi, mekdebiň fiziki ýagdaýyny, mugallymlary we olaryň sanyny, okuw kitaplaryny we gollanmalary hem-de enjamlary bilen üpjünçiligini Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ylalaşmagy esasynda, Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligi kesgitleýär. Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligi bu babatdaky öz ygtyýarlygyny Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň üsti bilen amala aşyrýar.

3.5. Türkmen dili we Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan girizilen Türkmenistana degişli dersler, synplaryň hepdelik okuw sapaklarynyň tertibine (okuw meýilnamalaryna) goşulýar. Türk hem-de türkmen dilinde geçilýän okuw dersleriniň sagat sany we hepdelik okuw sapaklarynyň tertibi göz öňünde tutulyp, Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň Bilim işleri boýunça geňeşligi bilen mekdep müdiriniň we onda işleýän müdiriň Türkmenistanly orunbasarlary tarapyndan sazlaşykly ýagdaýda okuw meýilnamalary taýýarlanylýar. Okuw meýilnamalary Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ylalaşygynyň esasynda, Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň tassyklamagy bilen durmuşa geçirilýär. Türkmenistan tarapyndan girizilen dersler Türkmenistanyň okuw maksatnamasy boýunça amala aşyrylýar.

3.6. Mekdepde okuw-terbiýeçilik işi okuw ýyly üçin tassyklanan iş meýilnamasy esasynda guralýar. Okuwlar mekdep müdiri tarapyndan tassyklanan sapaklaryň tertibi esasynda alnyp barylýar.

3.7. Umumybilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň möhleti 12 ýyldan ybaratdyr (başlangyç mekdep (4 ýyl), orta mekdep (4 ýyl) we Anadoly liseýi (4 ýyl)). Türkiýäniň bilim ulgamyna laýyklykda, mekdepbe mekdebe taýýarlyk topary (1 ýyl, türk dilindäki adyýanasynyfy) hereket edýär.

3.8. Okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar we hersiniň dowamlylygy okuw meýilnamasy bilen bellenýän dört çärýege bölünýär. Okuw ýylynyň dowamlylygy azyndan 34 hepdeden ybarat

bolup, rugsatlar okuw meýilnamasyna laýyklykda (güýzki – 8 gün; gyşky – 13 gün; ýazky – 9 gün; tomusky azyndan – 8 hepde) bellenilýär. Mekdeplerde 6 günlük okuw hepdesi bellenilýär.

3.9. Okuwçylarynyň başarnyklaryna baha bermek üçin Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrliginiň degişli kadalaşdyryjy namalarynyň şertleri ulanylýar.

3.10. Mekdebiň düýpli barlagy, Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ygtyýarlylarynyň bilelikde iki ýurduň kanunçylygyna laýyklykda taýýarlajak "Barlag formasynda" görkeziljek esaslara görä amala aşyrylar.

Barlag formasynda bilim-terbiýe we maliýe-hojalyk meseleleri hem-de jemgyýetçilik çäreleri ýaly aýratynlyklaryň görkezilmegi üpjün ediler.

Ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak üçin degişli edaralara we bölümlere zerur teklipler berilýär.

Mekdebiň işgärleri bilen baglanşykly barlag we gözegçilik işleri geçirilende, okuw edarasynyň müdiriniň teklibi bilen Türkiýeli işgärler babatda Türkiýäniň kanunçylygynyň, Türkmenistanly işgärler babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň çäklerinde degişli edaralarda işler alnyp barylýar.

## 4. Okuwa gatnaşyjylaryň hukuklary we borçlary

4.1. Okuwa gatnaşýanlara mugallymlar, okuwçylar, okuwçylaryň ata-eneleri (olaryň ornuny tutýan adamlar) degişlidir.

4.2. Mugallymlaryň:

- okatmagyň we terbiýe bermegiň usulýetini, okuw esbaplaryny, enjamlaryny we resminamalaryny tassyklanan maksatnamalaryň çäginde erkin saýlap almaga;
- hünär ussatlyklaryny yzygiderli kämilleşdirmäge;
- öz islegi boýunça degişli hünär derejesini almak üçin hünär synagyndan geçmäge;
- özüniň mugallymçylyk abraýyny goramaga;
- mekdebiň mugallymlar geňeşinde we başga ýygnaklarynda öz garaýyşlary we teklipleri bilen çykyş etmäge;
- okuw-terbiýeçilik işlerini gowulandyrmak barada öz tekliplerini aýtmaga;
- şu Tertipnamanyň düzgünlerine laýyklykda mekdebiň işini dolandyrmaga gatnaşmaga hukuklary bardyr.

4.3. Mugallymlar:

- şu Tertipnamanyň düzgünlerini berjaý etmäge;
- okuw maksatnamalarynyň we hepdelik okuw sapaklarynyň tertipnamalarynyň (okuw meýilnamalarynyň) ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge;
- okuwçylara döwrebap we ylmy esaslarda bilim bermäge, okuwçylaryň gyzyklanmasyny we ukybyny kämilleşdirmäge, olaryň saglyk ýagdaýlaryna gözegçilik etmäge we jemgyýetçilik ýagdaýlary bilen gyzyklanmaga, olaryň bilim derejelerini yzygiderli artdyrmaga ýardam etmäge;
- okuwçylarda Watanyna wepalylyk duýgularyny kemala getirmäge;
- okuwçylaryň ata-eneleri bilen aragatnaşyk saklamaga;
- okuwçylaryň hukuklaryny we mertebelerini hormatlamaga;
- zähmet ylalaşygynyň (şertnamasynyň) şertlerini ýerine ýetirmäge;
- zähmet tertip-düzgünini berjaý etmäge, okadýan synp otagynda okuwçylar tarapyndan tertip-düzgüniň we otagyň arassa saklanmagyna berk gözegçilik etmäge;
- mugallymçylyk hünärine laýyk we okuwçylara nusga boljak derejede özüni alyp barmaga;
- daşky keşbiniň estetiki taýdan sazlaşykly bolmagyna jogapkärçilikli garamaga;
- her ýylda bir gezek lukmançylyk gözegçiliginden geçmäge borçludyr.

4.4. Okuwçylar:

- Döwlet okuw maksatnamalaryny özleşdirmek esasynda umumybilim almaga;
- şahsyýetini, beden hem ruhy taýdan kemsitmeleriň ähli görnüşlerinden goramaga;
- öz duýgylaryny we düşünjelerini erkin beýan etmäge;

- bilim bermeklige niýetlenilen okuw kitaplardan, esbaplardan, enjamlardan mugt peýdalanmaga;
- bilimlerini çuňlaşdyrmak üçin mugallymlara, mekdebiň ýolbaşçylaryna ýüzlenmäge;
- mekdepde ýa-da döwlet we halkara derejesinde geçirilýän sport we beýleki çärelere gatnaşmaga hukuklydyr.

4.5. Okuwçylar:
- şu Tertipnamanyň şertlerini we mekdebiň tertip-düzgün kadalaryny berjaý etmäge;
- yhlasly okamaga;
- mekdebiň emlägini we enjamlaryny aýawly saklamaga;
- mekdep okuwçylary üçin mekdep tarapyndan kabul edilen mekdep lybasyny geýmäge;
- mekdepde okaýanlaryň we işleýänleriň mertebesini we abraýyny goramaga, hormatlamaga, kiçi göwünli we pespälli, dogruçyl, sypaýy, salyhatly bolmaga;
- okuw sapaklaryna doly gatnaşmaga, bilim almak endiklerini, sagdyn pikirlenmegi kämilleşdirmäge, tertipli bolmaga, ulyny-kiçini sylamaga;
- mekdebiň işgärleriniň ygtyýarlyklaryna girýän talaplaryny ýerine ýetirmäge borçludyrlar.

4.6. Ata-eneler (olaryň ornuny tutýan adamlar):
- çagalarynyň okuw maksatnamalaryny özleşdirişi we bilimleriniň hili barada maglumat almaga;
- okuw-terbiýeçilik meseleleri boýunça maslahatlary almaga;
- ýüze çykýan meseleler boýunça mekdebiň müdirine ýüz tutmaga;
- mekdebiň we okuw işlerini guramaklygy kadalaşdyrýan Tertipnama we beýleki resminamalar bilen tanyşmaga hukuklydyrlar;

4.7. Ata-eneler (olaryň ornuny tutýan adamlar):
- çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, okamagy barada alada etmäge;
- mekdep bilen maşgalanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy we aragatnaşygy berjaý etmäge;
- mekdebiň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşmaga;
- çagalarynyň akyl we beden taýdan kämil ösmegi üçin amatly şertleri döretmäge;
- çagany mekdep lybasy bilen üpjün etmäge borçludyrlar.

## 5. Mekdebiň işini dolandyrmak

5.1. Mekdep ýeke-täk ýolbaşçylyk ýörelgesiniň we Mugallymlar geňeşiniň kararlarynyň esasynda dolandyrylýar.

5.2. Mekdep ýeke-täk ýolbaşçylyk ýörelgesi arkaly Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkiýe Respublikasynyň Milli Bilim ministrligi tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan müdir tarapyndan dolandyrylýar.

Müdir:
- mekdebiň okuwçylar bilen baglanşykly işleriniň, okuw-terbiýeçilik işleriniň we dolandyryşa, işgärlere, ýerine ýetirilşe, gozgalýan emläge, hatlary alyşmaga, bilim we jemgyýetçilik çärelerine, howpsuzlyga, iýmitlenmäge, gözegçilige, goraga, arassaçylyga, tertip-düzgüne, jemgyýetçilik bilen gatnaşyklara degişli hem-de şuňa meňzeş wezipeleriň şeýle-de Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligi tarapyndan berlen borçlaryň we wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.
- mugallymlara, okuwçylara, ene-atalara we daş-töweregindäkilere okuw-terbiýe bermäge ýolbaşçylyk edýär, netijeliligi artdyrmaga, kollektiw düşünjesini döretmäge, mekdebiň daş-töwerek bilen utgaşmagyna we guramaçylyk medeniýetini ösdürmäge gönükdirilen işleri durmuşa geçirýär, mekdebi işe taýýar ýagdaýda saklaýar. Ylmy we tehnologiki ösüşler, netijelilik we açyklyk ýörelgelerine laýyklykda mekdebi yzygiderli ýagdaýda täzeleýär we ösdürýär, wagty we ähli mümkinçilikleri mekdebiň maksatlaryny durmuşa geçirmek üçin ulanýar.

- okuw-terbiýeçilik işini guraýar, onuň gidişine we netijelerine gözegçilik edýär, mekdebiň işiniň hili, netijeliligi üçin jogap berýär;

- mekdebe gönüden-göni ýolbaşçylyk edýär we kanunçylyga laýyklykda işgärleri işe kabul edýär;

-mekdebiň işgärlerini ýerli-ýerine goýýar, olar barada buýruklary çykarýar, olara degişli görkezmeleri berýär;

-synpdan we mekdepden daşary işleri geçirmek üçin zerur bolan şertleri döredýär.

5.3 Mekdebe ýeterlik sanda müdiriň orunbasarlary bellenýär. Müdiriň orunbasarlary türk tarapyndan Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň Bilim işleri boýunça geňeşligi, türkmen tarapyndan Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar. Müdiriň orunbasary bilim, terbiýe we dolandyryş işleriniň meýilnamalaýyn, yzygiderli we maksada laýyk alnyp barylmagyna müdiriň öňünde jogapkärçilik çekýär. Müdiriň ýok wagtlarynda müdiriň bellän orunbasary, müdiriň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýär.

5.4 Mekdebi dolandyrmakda Mugallymlar geňeşiniň kararlary ulanylýar. Mugallymlar geňeşi, mekdebiň müdiriniň ýolbaşçylygynda müdiriň orunbasarlaryndan we mugallymlardan ybarat bolýar. Müdiriň ýok wagtynda mugallymlar geňeşine müdiriň okuw işleri boýunça orunbasarlary ýolbaşçylyk eder.

Mugallymlar geňeşiniň maslahaty ýylda 6 gezek geçirilýär. Şeýle-de mekdebiň müdiriniň zerur diýip hasaplan wagtlarynda hem-de geňeşiň agzalarynyň ýönekeý köplüginiň ýazmaça islegine laýyklykda geňeşiň ýygnagy geçirilýär.

## 6. Hukuk esasnamasy we maliýe üpjünçiligi

6.1. Mekdep Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligi we Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan şu Tertipnama boýunça işleýär.

6.2. Mekdep Türkiýe Respublikasynyň we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we býujetden daşary serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär. Mekdebiň öz buhgalteriýasy, özbaşdak balansy, bank edaralarynda hasaplaşyk, walýuta we beýleki hasaplary bolup biler.

6.3. Mekdebiň işi hakynda hasapçylyk hasaby we hasabatlylygy bellenen tertipde amala aşyrylýar.

6.4. Türkiýe Respublikasynyň we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we býujetden daşary serişdeleriň ulanylmagy baradaky her ýylky hasabat Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligine we Türkmenistanyň Bilim ministrligine berilýär.

6.5. Türkmenistanly işgärler bilen mekdebiň arasyndaky gatnaşyklar, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär. Mugallymlaryň we beýleki işgärleriň iş haky okadylýan derslere laýyklykda we Taraplar tarapyndan kanunçylyklarynyň çäklerinde tölenýär. Mekdebe türk tarapyndan işe alynan mugallymlaryň we beýleki işgärleriň zähmet haky Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligi tarapyndan, Türkmenistanly işgärleriň zähmet haky bolsa Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tölenilýär.

6.6. Mekdebiň okuwçylarynyň sanyna laýyklykda tassyklanan mysaly wezipe sanawynyň kadasynyň çäklerinde kömekçi, edara ediş we tehniki işgärler (hasapçy, pulhanaçy, kätip, kitaphanaçy, şepagat uýasy, tehnik, garawul, bagban, tam süpüriji we beýleki işler üçin ýeterlik sanda işgär) Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp işe kabul edilýär.

6.7. Mekdebiň maddy binýady işlemek üçin zerur bolan binalardan, desgalardan, tilsimatlardan, enjamlardan we beýleki emläklerden ybaratdyr. Mekdebiň gündelik çykdajylary üçin tölegleriň 50 göterimini türk tarapy, 50 göterimini türkmen tarapy öz üstüne alýar. Bu tölegleriň türk tarapy üçin hasaplanmagy Türkmenstanyň umumybilim berýän edaralaryna kesgitlenen nyrhlara laýyklykda amala aşyrylýar. Mekdebiň binasy bilen baglanşykly geçiriljek bejeriş we abatlaýyş işleriniň maliýe çykdajylary türk tarapy öz üstüne alar.

6.8. Mekdebiň kitaphanasy üçin bilim maksatnamasyndaky derslere laýyklykda okuw kitaplaryny, ylmy neşirleri, edebi eserleri we sözlükleri Türkiýe Respublikasynyň Milli bilim ministrligi we Türkmenistanyň Bilim ministrligi üpjün edýär.

6.9. Mekdebiň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli edaralarda hasaba alynmagy we Türkmenistanyň edaralary tarapyndan ykrar edilmegi Ähtnama we şu Tertipnama güýje girenden soň, amala aşyrylýar.

6.10. Mekdep edara görnüşli tarapdyr. Mekdebiň Türkiýäniň döwlet tugrasy şekillendirilen, türkmen we türk dillerinde ýazylan möhri, möhürçeleri, blanklary bardyr.

6.11.Edaranyň ady: Bilelikdäki türkmen-türk umumybilim berýän orta mekdebi

6.12.Edaranyň gysgaldylan ady: BTTM

6.13.Guramaçylyk-hukuk görnüşi: Bilelikdäki döwlet edarasy.

Ýerleşýän ýeri: Aşgabat şäheri.

Hukuk salgysy: Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 36-njy jaýy.

| Türkýe Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan | Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan |
| --- | --- |
| **Mahmut ÖZER** Milli Bilim ministri | **Separdurdy TOÝLYÝEW** Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary |